# Men ýene ýola çykýan

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Men ýene ýola çykýan MEN ÝENE ÝOLA ÇYKÝAN




Men ýene ýola çykýan,
Galanlar esen bolsun.
Meni alys-ýakyndan
Bilenler esen bolsun!
Namazlykda dyz epip,
Eýäme doga edip,
Ýaradandan ýagşylyk
Soranlar esen bolsun.
Istemän gitmegimi,
Hijranda ýitmegimi,
Ýuregi iki para
Bolanlar esen bolsun.
Gitmeklik daş deý agyr,
Küysegden ýanar bagyr,
Kalbynda mähir ody,
Ýananlar esen bolsun.
Köñlüni güle çolap,
Yoluma zaryn garap,
Alladan didar sorap,
Duranlar esen bolsun.

- **Meni tanamarsyñyz**

Köñlümi şygra orap,
Ugradýan size tarap.
Ahu deýin näzleri
Gyzlara ugradýaryn.
Yşgym joşgunly derýa,
Ýüregime sygmaýar,
Men ony gysym-gysym,
Guşlara paýlap berýän.
Sözleriñ ganatynda.
Yklymlary gezýärin.
Gandallardan gorkmaýan,
Duzaklary üzýärin.
Meni tanamarsyñyz.
Şirin dilli bilbil men.
Daglara kökün uran,
Derde derman sünbül men.
Meni tanamarsyñyz.
Şemallaryñ gyzy men.
Meni tanamarsyñyz.
Hyýallaryñ özi men.
Şer ummanyn guradan,
Sähraýy kebire men.
Ýagşylygyñ nyşany,
Men o şol Nazira men.

- **Biz ynsandyrys**

Biz Ynsan ahyry – aglap bileris.
Derdimizden dat eýleýip, gygyryp.
Duysak özümiziñ ýalñyzlygymyzy,
Bileris biz ýakynlarmyz çagyryp.
Şunuñ özi gudrat dälmidir eýsem?!
Ynsandyrys, dilde zybanymyz bar.
Zemin atly beýik mekanymyz bar.
Gök asmana uçmak uly bir iş däl,
Marsa uçmaga-da güýjümiz ýetýär.

Şunuñ özi gudrat dälmidir eýsem?
Biz insan tenlermiz gara hem-de ak,
Eger toba etsek, günälerden päk.
Didaryny görmän köñül berdigmiz,
Muhammediñ soñky ummaty biz täk.
Şunuñ özi gudrat dälmidir eýsem?
Nämäni gözlesek taparys mydam,
Nämäni islesek ýeteris hökman.
Eý dindeşim, gördüñizmi oýlanyp,
Ahyr biz hemmämiz hezreti Ynsan.
Şunuñ özi gudrat dälmidir eýsem?

- **Awtor barada gysgaça maglumat**



Şahyr, jurnalist, fotograf, tele alypbaryjy Nazira Baýmyradowa 1981-nji ýylyň 26-njy maýynda Özbegistanyň Jizzah welaýatynyň Pahtakor etrabynda doguldy. 2006-njy ýylda Özbegistan Medeniýet we sungat gaznasynyň «Kelajak ovozi» bäsleşiginde ýeňijisi we Özbek döwlet dilleri uniwersitetiniň talyby bolýar.
2001-2019-njy ýyllar aralygynda ýerli metbugatda goşgulary, makalalary we çeper suratlary yzygiderli çap edilýär.
2011-nji ýylda “Indi diňe gülüp ýaşaryn” diýen at bilen

şygyrlar ýygyndysy neşir edildi.
2013-nji we 2019-njy ýyllar aralygynda Özbegistan Milli telewideniýe we radio kompaniýasynyň «Madaniýat we marifat» teleýaýlymynda (Medeniýet we bilim) 1-nji derejeli redaktor wezipesinde işleýär. Şol wagtda «Kaýda bor» aýdymy Özbegistan teleýaýlymlarynda we radio kanallarynda yzygiderli ýaýlyma berildi.
2010-2019-njy ýyllar aralygynda Özbegistanyň Daşkent, Samarkant, Jizzah, Sirdarya, Pahtakor, Kaşkaderýa we Garagalpagystan Awtonom Respublikasynyň Nukus şäherinde 26 sany şahsy surat sergileri gurnalýar. Şeýle hem, taýýarlan programmalary üçin dürli baýraklara mynasyp bolýar.
Köptaraply zehin Nazira Baýmyradowa saz diňlemekden, aýdym aýtmakdan, okamakdan, syýahat etmekden, surata düşmekden lezzet alýar.
Iki ýyl bäri Türkiýede ýaşaýar. Baryp gören ýerlerini surata düşürmek hobbisi bar. Türk dilini öwrenmek we kämilleşdirmek üçin dürli okuwlarda bilim alýar. Türkiye Ýazyjylar birleşigi tarapyndan gurnalan 12 hepdelik ýazyjylar mekdebini üstünlik bilen tamamlady. Nazira Baýmyradowa goşgularyny özbek we türk dillerinde hem ýazýar.
Häzirki günlerde Ankarada Erdogan Tozoglunyň ýolbaşçylygynda “Neoklassyky türk aýdym-saz medeniýeti we sungat” birleşiginiň horunyň solisti.
Geljekde Türkiýede surat sergisini guramak we eserlerini türk dilinde neşir etdirmegi meýilleşdirýär.

Terjime eden Sylapberdi MUHAMOW. Goşgular